# Kim razy däl? / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Kim razy däl? / hekaýa KIM RAZY DÄL?

– Gör, siziň naçalnigiňiz nähili rehimli adam. Işden ir goýberip, özi ertire çenli garawulyň ornuna galaýypdyr. Gör, nähili dözümsiz başlyk.
– Diýmek, onda sen maňa öýlenmegi ýüregiňe pugta düwüpsiň-dä?..
– Düwdüm.
– Sen hemmesini ölçerip-dökdüňmi?
– Hawa.
– Magazine, bazara baka bir ädimem ätmejegimi sen bilýäňmi?
– Şoňa menden ökde adam bolmaz.
– Men nahar bişirmäni başaramokdyryn.
– Sen başarmasaň, men başarýan.
– Men kirem ýuwup bilemok.
– Men kiri gowy ýuwýan ýeri bilýän.
– Men öl esgini, tozan sorýany elime-de alman.
– Meň iki elim bar-a.
– Men magnitofony soňky güýjüne çenli waňladaryn.
– Meň gulagymyň perdesi teletin ýalydyr.
– Seň ähli dostlaryňy öýden çykaryp kowaryn.
– Nirä gitseler, şoňa gitsinler.
– Men seň aýlygyňy bir köpügiňem goýman eliňden alaryn.
– Eger-de dostlarym bolmajak bolsa, puluň maňa derkary ýok.
– Men oýun edemok. Hemmesi aýdyşym ýaly bolar.
– Meňem gara çynym.
– Şu zatlara garamazdan, sen maňa öýlenmäge razy-da onda?
– Razy.
– Onda men razy däl. Öz mertebesini saklap bilmeýän äri men başyma ýapaýynmy?!

Malhaz SOTADZE,
Gruziýa SSR-i.

Terjime eden Rahman ÖWEZOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 29.10.1982 ý. Satiriki hekaýalar